# Poh adamlardan halas bolma güni

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Poh adamlardan halas bolma güni POH ADAMLARDAN HALAS BOLMA GÜNI




*Özüñiz üçin haýsam bolsa bir güni saýlap alyñ. Şol günem size zyýan edýänleri, janyñyzy awudýanlary, wyždanyñyzy syzladýanlary, hakyñyzy iýýänleri we zulumy kanunylaşdyrýanlary… syryp-süpürip zyñyñ.*

Yzda ne-hä aýalyny urup-horlaýan goñşyñyz galsyn, ne şantažist garyndaşyñyz, ne-de jahyllygyñ tarapdary tanşyñyz. Güýjüñiz ýetdiginden garşylyk berip, sessizje ýa-da gygyryp çykaryñ olary durmuşyñyzdan. Ady-da **poh adamlardan halas bolma güni** bolsun bu günüñ.

Ankaradaky partlamanyñ bolanyna iki gün dagy geçipdi. Gaty bir içgin gatnaşmaýan tanyşymyñ Facebook-da halan bir ýazgysy öñümden çykdy. Ol ýazgyny gönderen kişi «Gadyrdanlar, gynanar ýaly ullakan bolan zat ýok. Ölenleriñ köpüsi çepçi topbakdan. Belli bir derejede arassalaýyş işi boldy diýsegem bolar» diýip

ýazan eken. Ol bu ýazgysyny gülýän smaýlik bilen soňlapdyr. Şol gün tanşym bilen nämüçin häzire çenli onçakly içgin gatnaşmandygymyň sebäbine düşündim we wirtual gatnaşygymy-da kesip, onuň bilen dostlugymy soňlandyrdym.
Beren garşylygym, belki-de, bir adamyň zalymlygynady. Belki-de, diňe poh adamy durmuşymdan çykarma mümkinçiligini ulanypdym. Çünki şol gün hakykatdanam adamkärçiligiň pohunyň çykandygyna ynanypdym. Içimden gelýän sese hormat goýup, bu hadysa özümçe sessiz we minimal garşylyk görkezdim. Soňra näme boldy diýseňizläň. Ynjaldym. Poh adamy durmuşymdan çykaryp zyňypdym çünki.

- **Nähili ýöntemlik gözleseň, dünýä liderligini arzuwlaýan ýurtda bar!**

Soň düşünip galdym. Nämüçin şumada deňiç dowamly şeýle garşylyk bermändigime. Garşylyk bermän geçiren günlerime gynandym. Çaga zorlugyndan aýal-gyzlary urup-horlamaga, üsti açylman galan jenaýatlardan sud edilmezden jezalandyrmalara çenli nähili ýöntemlik gözleseň, dünýä liderligini arzuwlaýan ýurtda bar!

- **Ýagşylyk üçin ylgaýan adamyň we guramalaryň eden ýagşylyklarynyň jezalandyrylýan ýurdunda!**

Serediň-ä, üç ýarym ýaşynda zorlanyp öldürilen çagajyga… Serediň-ä, ýüzlerçe adamy halas eden AKUT-yň başyna gelenlere! Ýatlaň-a, diňe ynsandygy üçin gynanmalyka şatlanýanlary, aýdylmaly sözler barka dymýanlary, bir bähbit üçin wyždanlaryndan el çekenleri…
Ine, şu sebäplerden ötri adam öz-özüne wagtal-wagtal poh adamlardan halas bolma gününi yglan etmeli. Ha ýalňyşa dur diýmek üçin bolsun, ha wyždanyňy ynjaltmak üçin. Doly dymmagy saýlap alan we içiňize atan günleriňiziň hasratyny diňdirmek üçin… Durmuşyňyzda näçe köp zalym, näçe köp dönük bolsa-da, iň bolmanda ýekejesinden halas bolmak üçin…

Çagry GYRLANGYÇ.

24.10.2016 ý.